# Kuran we sünnet saýasynda sakgal göýbermegiň ähmiýeti.

Allaha hamd, Pygamberimiz Muhammede salat we salam bolsun.

Şaýatlyk edýärin Muhammet (sallallahu aleýhi we sellem) Allahyň Pygamberidir, ilçisidir diýip, iman eden we şaýatlyk getiren her bir musulmanyň boýnuna parz bolýan zatlar bardyr. Ençeme musulmanlar bu şaýatlygy getirýärler we özüne Muhammet (sallallahu aleýhi we sellem) ymmaty diýýärler. Emma bu şaýatlygyň näme many aňladýanyny we muňa şaýatlyk getiren musulmana nämäniň parz bolýanyny bilmeýärler.

Şaýatlyk edýärin Muhammet (sallallahu aleýhi we sellem) Allahyň Resuly diýmegiň manysy:

1-Pygamberimiziň (sallallahu aleýhi we sellem) buýran ähli zatlaryny, tabşyryklaryny ýagny sünnetlerini berjaý etmekdir.

2-Pygamberimiziň (sallallahu aleýhi we sellem) bize habar beren ähli habarlaryny tassyk edip, iman etmekdir.

3-Pygamberimiziň (sallallahu aleýhi we sellem) gadagan eden zatlaryny etmezlikdir.

4-Allaha diňe Pygamberimiziň (sallahu aleýhi we sellem) öwredişi, görkezişi ýaly ybadat etmekdir.

Musulman adam her bir işinde, maşgalada, jemgyýetde, geýim-gejimde, özüni alyp baryşynda her hal ýagdaýynda Pygamberimizi (sallallahu aleýhi we sellem) özüne görelde almaly we diňe oňa eýermelidir.

Bu barada Allah Tagala Kuran-Kerimde şeýle diýýär:

لَقَدْ كَانَ لَكُمْ فِي رَسُولِ اللَّهِ أُسْوَةٌ حَسَنَةٌ

“**Siz üçin Allahyň Resulynda gözel görelde bardyr.**” [1]

Dünýäde musulman adam üçin Pygamberimizden (sallallahu aleýhi we sellem) gowy görelde bolup biljek ýokdur.

Musulmanyň dini-dünýewi ýol-ýörelgesi Kuran we Sünnet bolmalydyr.

Bu barada Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) şeýle tabşyryk berýär:

تركت فيكم شيئين لن تضلوا بعدهما ما تمسكتم بهما، كتاب الله وسنتي

“**Men size iki zat goýup gidýärin! Şol ikisne eýerseňiz hiç wagt dogry ýoldan azaşmarsyňyz: Allahyň kitaby Kuran we Sünnetim.**” [2]

Akyda, ybadat, ahlak, edim-gylym, däp-dessur, geýim-gejim ýaly zatlaryň ählisinde Kurana we sünnete eýermeýän kişi hakyky musulman bolup bilmez.

Gynansakda günümizde özüne musulman diýýänleriň aglaba bölegi, öz ylymsyzlyklary zerarly ençeme sünnetlerden ýüz öwürendiklerini görýäris. Hut şol sebäpli käbir sünnetler ýitip ýok bolmak derejesine gelip ýetendir.

Kapyr döwletleriň musulman ýurtlaryny basyp alyp, kalonizirowat etmegi netijesinde köp musulman döwletlerde dini ylym azaldy, musulman halklar öz ýol-ýörelgelerinden ýüz öwrüp, kapyrlaryň edenini edip, olary görelde alyp başladylar. Geýinişlerinde, daş keşplerinde, özüni alyp baryşlarynda, toýdyr-baýramlarynda olara meňzäp başladylar. Hatda ene dillerini unudyp, öz ýurdyny basyp alan kapyrlaryň dillerinde gürläp başladylar. SSR-döwründe Türkmenleriň orslaşdyrylmagy, komunistleşdirilmegi, ataistleşdirilmegi bunyň aýdyň mysalydyr.

Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) bize bu boljak zatlary 14-asyr öň habar berip, şeýle diýýär: **“Şübhesiz siz sizden öňküleriň yzlaryna garyş-garyş eýerersiňiz. Hatda olar hažžygyň hinine girseler, siz hem girip görersiňiz.” Sahabalar: Ýa Resulullah bizden öňkiler diýýäniň Ýahudy we Hristianlarmy? Diýdiler. Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem): “Başga kim bolsun?”** diýdi. [3]

Başga hadysda şeýle diýdi: **“Olardan biri ýoluň üstünde ejesi bilen zyna etse, sizden hem ony etjek tapylar.”**[4]

Soňky asyrlarda musulmanlaryň içinde ýaýran keselleriň biri hem sakgal syrmak hassalygydyr. Hatda günümizde halka ymam, müfti bolup ýören kişileriň sakgallaryny düýbünden syrmaklary, musulmanlaryň köp böleginiň Pygamberimiziň (sallallahu aleýhi we sellem) bu sünnetinden ýüz öwürendikleriniň ýa-da örän sowuk-sala garaýandyklarynyň mysalydyr.

Allah Tagaladan bu makalany Pygamberimiziň (sallallahu aleýhi we sellem) sünnetine eýermekde musulman doganlarymyza wesile etmegini dileýäris!

**Sözlükde we şerigatda sakgal:**

Sakgal: Murtdan başga ýaňakda, çekgede, eňekde bitýän tüýleriň ählisiniň ady sakgaldyr.

**Sakgal göýbermegiň hökümi:**

Sakgal goýbermek ululyk ýaşyna ýeten ähli musulman erkeklere wäjipdir. Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) sakgal goýbermegi buýurýar we sakgaly syrmagy, kiçeltmegi gadagan edýär.

**Sakgal goýbermek hakyndaky hadyslar:**
Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) şeýle diýýär:

خالفوا المشركين ، أَحْفُوا الشَّوارب وأَوفوا اللِّحى

“**Müşrükleriň tersini ediň! Murtlaryňyzy gysgaldyň, sakgallaryňyzy goýberiň.**” [5]

جُزُّوا الشوارب وأرخوا اللحى ، خالفوا المجوس

“**Otparazlaryň tersini ediň! Sakgaly goýberiň, murty gysgaldyň.**” [6]

عن عبد الله بن عمر رضى الله عنهما أنه قال : أمر رسول الله بإحفاء الشوارب وإعفاء اللحية

Abdullah bin Amr (radiallahu anh) şeýle diýdi:
“**Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem): Murtlary kiçeldip, sakgal goýbermegi buýruk berdi.**” [7]
Sakgal barada gelen hadyslardaky: أعفوا - أوفوا - أرخوا - أرجوا – وفروا arapça sözleriň ählisi bir manyny aňladýar, ol hem sakgaly öz ugruna goýup goýbermekdir.
Ähli-sünnet alymlarynyň belleýişi ýaly sakgal barada habar berilen hadyslarda, Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) sakgal goýbermegi emir edýär. Emir-buýruk bolsa, eger buýrulan amal hakynda onuň müstehaplygyny görkezýän başga delil bolmasa, buýrulan amalyň wäjipligini aňladýar.
Wäjibi terk etmek haramdyr. Wäjibe amal eden sogap gazanar, terk eden azaba sezewar bolar.
Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) ähli zatda boluşy ýaly ilki bilen özi görelde bolardy. Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) özi hem uzyn we gür sakgallydy. Sahabalardan hem hiç biri, bir gysymdan gysga sakgal goýbereni ýokdy......... Sakgal goýbermek ähli Pygamberleriň sünnetidir. Kim sakgalyny syrsa ýa-da bir gysymdan kiçeltse dine we ýaradylyşyna ters hereket etdigi bolar. Sakgal syrmak fasyklyk ýoluny saýlap, Pygamberiň (sallallahu aleýhi we sellem) ýolundan azaşmakdyr. [8]
Allah Tagala aýatda şeýle diýýär:

وَمَا آتَاكُمُ الرَّسُولُ فَخُذُوهُ وَمَا نَهَاكُمْ عَنْهُ فَانتَهُوا

“**Pygamber size nämäni berse ony alyň, nämeden gaýtaran bolsa, ondan gaçyň.**” [9]
**Sakgalyň ölçegi:**
Sakgalyň ölçegi barada alymlar yhtylaf edýärler. Käbir alymlar hadyslaryň zahirine seredip ininden we boýundan gysgaltmagy mekruh görýärler. Käbirleri bolsa, bir gysymdan artanyny gysgaltmak bolýar diýýärler.
Bu barada aýdylanlar şu görnüşde:
1- Boluşy ýaly goýberiler, hiç degilmez.
Bu garaýyş Şafygylaryň garaýaşydyr. Şeýlede Hanbeli mezhebiniň iki garaýyşyndan biridir. Ymam Newewiniň saýlan garaýyşy hem budyr.
2-Boluşy ýaly goýberiler, diňe haj we umrede bir gysymdan artanyny kesiler.
Bu garaýyş Ymam Şafygynyň sözüdir.
3-Öte uzap gidenlerini kesmek bolýar.
Bu garaýyş Ymam Mäligiň we Kadi Iýadyň garaýyşlarydyr.
4-Bir gysymdan artanyny kesmek.
Bu garaýyş Hanafileriň garaýyşydyr.
Durrul-Muhtar atly eserde şeýle diýilýär: **Emma bir owuçdan gysga edip kiçeltmek Ýewropalylaryň we zenanlara meňzeýän erkekleriň edýän işidir (bir gysymdan gysga edip kiçeltmegi hiç kim halal görmedi). Sakgaly düýbünden syrmak bolsa, Hint Ýehudylarynyň we Mejusylaryň (otparazlaryň) edýän işidir.**
Ýenede Durrul-Muhtar atly eserde şeýle diýilýär: **Sakgalda sünnet bolan ölçeg eliň gysymyny doldyrmagydyr.** [10]
Netijede hiç bir alym bir gysymdan gysga edip sakgaly kiçeltmegi halal görmedi. Yhtylaf edenler hem diňe bir gysymdan artany kesmelimi ýa-da kesmeli dälmi diýip, yhtylaf etdiler. Bir gysymdan artany kesseň bolýar diýenler, sahaba Ibn Omaryň (radiallahu anh) hajda we umrada bir gysymdan artanyny kesenini esas aldylar. [11]
**Ähli-Sünnet ymamlaryň sakgal syrmak barada aýdan sözleri:**
Dört mezhep Ymamlary we başga ulamalar sakgaly syrmagyň haramdygyna we sakgal syran kişiniň günäkär, fasykdygyny bir agyzdan kabul edýärler. Fakyhlaryň hemmesi sakgal syrmagyň haramlygyny nygtap geçendirler.
Ibn Hazm **Meratibul-Ijma** atly eserde şeýle diýýär: **“(Alymlar) Sakgal syrmagyň gadagan edilendigini we erbet işdigini bir agyzdan kabul etdiler.”**
-Hanafi alymlardan Ibn Abidin **Reddul-Muhtar** atly eserde şeýle diýýär: **Erkegiň sakgal syrmagy haramdyr.**
-Mälikilerden el-Adewi Ymam Mäligiň sakgal syrmagy mejusylaryň hereketlerinden görenligini habar berýär. Ibn Abdilber **Temhit** atly eserde: **Sakgal syrmagyň haramlygyny we bu herekedi diňe zenanlara meňzeýän teti erkekleriň edýänligini belläp geçýär.**
-Ymam Şafygy **el-Umm** atly eserinde sakgal syrmagyň haramlygyny belläp geçýär.
-Hanbelilerden Ibn Teýmiýýe **Ihtiýaratul-Ilmiýýe** atly eserde şeýle diýýär: **Sahyh hadyslardan bellenilişi ýaly sakgal syrmak haramdyr. (Sakgal syrmagy) mubäh (halal) gören ýokdur.**
Köne we täze ähli-sünnet alymlary sakgal syrmagyň haramdygyny belläp geçendirler.
**Sakgal syrmagyň haramlygyny görkezýän deliller:**
1-Sakgal syrmak Allah Tagalanyň ýaradan zadyny üýtgetmekdir:

Allahyň ýaradan zadyny üýtgetmek bolsa, iň uly günä bolup, haramdyr. Allah Tagala bu barada şeýle diýýär:

لَا تَبْدِيلَ لِخَلْقِ اللَّهِ

**“...Allah Tagalanyň ýaradan zadynda üýtgetme bolmaz.....”** [12]

Allah Tagalanyň ýaradan zadyny üýtgetmek Iblisiň gowy görýän amalydyr. Şonuň üçin Allah Tagala Kuran-Kerimde, Iblisiň şeýle diýenini habar berýär:

وَلَآمُرَنَّهُمْ فَلَيُغَيِّرُنَّ خَلْقَ اللهِ

**“...Olara Allah Tagalanyň ýaradan zatlaryny üýtgediň diýip, buýrjak......”** [13]

Bu aýatlarda şergy sebäpsiz, Allahyň ýaradan zadyny üýtgetmegiň şeýtanyň buýrugyna eýermekdigi aýdyň beýan edilýär. Sakgal syrmak şeýtanyň buýrýan we söýýän amalydyr.

Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) şeýle diýýär:

لعن الله الواشمات والمستوشمات والنامصات والمتنمصات والمتفلجات للحسن المغيرات خلق الله :.

**“Tene surat çeken (nakolka eden) we tenine surat çekdiren zenanlara, ýüzdäki tüýleri (gaşlary) üten we ütdüren zenanlara, owadan görünmek üçin dişleriniň arasyny açdyran zenanlara we Allah Tagalaň ýaradan zadyny üýtgeden zenanlara Allah lagnat etsin.”** [14]

Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) bu sanalan zatlaryň hemmesini Allahyň ýaradan şeklini bozmak, üýtgetmek diýip, kabul edendir. Sakgal syrmak bolsa, owadan görünmek üçin Allahyň ýaradan şeklini bozmaklykdygyna şübhe ýokdur. Sakgal syrmak hem edil beýleki lagnata sebäp bolýan hereketler ýaly hereketdir.

Sakgal syrmak Allahyň ýaradan şekline nägilelik bildirmekdir. Sakgalyny syran kişi dili bilen diýmesede herekedi bilen göýä: Bu sakgal erkekleriň ýüzünde artykmaç we gereksiz zat, şonuň üçin men ony syryp, aýyrýaryn diýen ýalydyr.

Allah Tagala ynsan ogluny iň gözel görnüşde ýaradandyr. Ynsan ogly üçin gerekli bolan agzalary ýerli-ýerinde we gözel şekilde ýaradan Allah Tagaladyr. Adam oglunyň erkekleriniň ýüzünde sakgaly bar eden Allah Tagaladyr. Erkekleriň sakgally bolmagy Allah Tagalanyň hikmedidir.

Allah Tagala bu barada şeýle diýýär:

وَصَوَّرَكُمْ فَأَحْسَنَ صُوَرَكُمْ

**“... Allah Tagala sizi iň gözel şekilde, şekillendirdi.....”** [15]

لَقَدْ خَلَقْنَا الْإِنسَانَ فِي أَحْسَنِ تَقْوِيمٍ

**“Biz ynsany iň gözel şekilde ýaratdyk.”** [16]

Sakgal goýbermegi, Allah Tagala ynsan ogluny ýaradanda fytratynda bar edendir.

Bu barada Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) şeýle diýýär:

قال رسول الله صلى الله عليه وسلم: عشر من الفطرة: قص الشارب ،وإعفاء اللحية، والسواك، واستنشاق الماء، وقص الأظفار، وغسل البراجم، ونتف الإبط، وحلق العانة، وانتقاص الماء

**“On zat fytratdandyr: Murty gysgaltmak, sakgaly goýbermek, miswak ulanmak, istinşak (burna suw çekmek), mazmaza (agzy çaýkalamak) dyrnaklary kesmek, barmak aralaryny ýuwmak, goltuk we owrat ýerlerini arassalamak, synja almak.”**[17]

Hadysda habar berilen wasplar ähli Pygamberleriň sünnetleridir we ynsan oglunyň ýaradylyşynda fytratynda (tebigatynda) bar edilen zatlardyr. Bize bolsa, Pygamberleriň sünnetlerine eýermek tabşyryk berilýär.

2-Sakgal syrmak Pygamberimiziň (sallallahu aleýhi we sellem) emrine garşy gitmekdir:

Sakgal syrmagyň haramlygyny görkezýän başga bir zat bolsa, Pygamberimiziň (sallallahu aleýhi we sellem) buýrugyna garşy gitmekdir.

Ýokarda-da belleýişimiz ýaly Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) bir näçe hadysda sakgal goýbermegi buýurýar we sakgalyň kesilmegini gadagan edýär.

Sakgal syran kişi, Pygamberimiziň (sallallahu aleýhi we sellem) buýrugyna garşy gidýänligi aýdyňdyr.

Allah Tagala aýatda şeýle diýýär:

وَمَن يَعْصِ اللَّهَ وَرَسُولَهُ فَقَدْ ضَلَّ ضَلَالًا مُّبِينًا

**“Kim Allah we Resulyna boýun bolmasa, ol kişi açyk azgynlyga düşendir.”** [18]

وَمَن يَعْصِ اللَّهَ وَرَسُولَهُ فَإِنَّ لَهُ نَارَ جَهَنَّمَ خَالِدِينَ فِيهَا أَبَدًا

**“Kim Allah we Resulyna boýun bolmasa, onuň üçin içinde ebedi galjagy jähennem bardyr.”** [19]

3-Kapyrlara meňzemek:

Musulmanlara sakgal syrmak keseli kapyrlardan ýokuşandyr. Hatda biziň watanymyzda-da bu kesel SSR-döwründe ornaşyp, adat bolup galandyr. Ondan öňki wagtlara seretsek atalarymyzyň ählisi bu sünnete eýerip sakgal goýberendiklerini görýäris. Bu bolsa atalarymyzyň Pygamberimiziň (sallallahu aleýhi we sellem) sünnetini nä derejede söýendikleriniň alamatydyr.

Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) ençeme hadysda: **Otparazlaryň edeniniň tersini ediň** we **ähli Kitabyň edeniniň tersini ediň** diýýär. Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) sakgal syrmagyň kapyrlaryň adatydygyny bildirip, ymmatyna olara meňzemezligi tabşyryk berýär. Çünki kapyrlara meňzejek bolup, olaryň adatyny adat edinmek, olaryň däp-dessuryna eýermek Yslamda haramdyr.

Bu örän ähmiýetli meseledir. Çünki daşy meňzäniň wagtyň geçmegi bilen içi hem meňzäp başlaýar we özüni şolar ýaly alyp barmaga çenli eltýär. Bu hakykatda görülýän hadysadyr. Kapyr halklaryň içinde ýaşap öz dinine doly boýun bolman,

wagtyň geçmegi bilen şolar ýaly geýinip, olaryň baýramlaryny belläp, olaryň dilinde gürläp göýä kapyrlardan biri ýaly bolup giden ençeme kişiler bardyr.
Bu hili ynsanlar wagtyň geçmegi bilen dininden uzaklaşyp, öz dinine, gymmatlyklaryna, däp-dessurlaryna göwni ýetmezçilik bilen garap, pes görüp başlaýarlar. Bularyň ählisiniň başy bolsa, kapyrlara meňzemekden we diniňden, ýol-ýörelgäňden, musulmanlara mahsus bolan aýratynlyklardan ýüz öwürmekden başlaýar.
Hut şonuň üçin Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem):

مَنْ تَشَبَّهَ بِقَوْمٍ فَهُوَ مِنْهُمْ

“**Kim bir kowuma meňzese, ol hem olardandyr**” diýýär. [20]
Sakgal syrmak kapyrlaryň esasy alamatydyr.
Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) şeýle diýýär:

ليس منا من عمل بسنة غيرنا

“**Bizden başgasynyň sünneti bilen ýol-ýörelgesi bilen amal/hereket eden bizden däldir.**” [21]
4-Zenanlara meňzemek:
Allah Tagala ynsan ogluny erkek we zenan edip iki synyp edip ýaradandyr. Her bir synypa bolsa, özüne mahsus bolan alamatlary bagyş edendir. Zenan özüne mahsus bolan wasplara eýerse owadanlygy artýandyr. Edil şonuň ýaly erkek hem erkeklige mahsus bolan wasplara eýerse, ol wasplary ony bezeýändir. Erkekleri zenanlardan tapawutlandyrýan esasy wasplaryň biri hem sakgaldyr. Sakgal erkegiň bezegidir.
Aýşa enemiziň şeýle diýip, doga-dileg edenligi habar berilýär:

سبحان من زين الرجال باللحى والنساء بالذوائب

“**Erkekleri sakgal bilen, zenanlary saçlary bilen bezän Allah päkdir.**”[22]

Allah Tagala erkekleri zenanlardan tapawutlylykda sakgally edip ýaradandyr. Erkek kişiniň erkeklere mahsus bolan waspdan ýüz öwürüp, zenanlara mahsus bolan waspa geçmegi zenanlara meňzemek hasaplanar.
Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) bu barada şeýle diýýär:

لعن الله المتشبهين من الرجال بالنساء.

“**Zenanlara meňzeýän erkeklere Allah lagnat etsin.**” [23]
Sakgal erkegiň bezegidir, haýbatydyr, agraslygydyr we zenan bilen erkek arasyndaky esasy tapawutlaryň biridir.

**Murtda ölçeg:**

Teniň reňki görünjek derejede gysga bolup biler, ondan ulyrak hem bolup biler emma murtyň uzynlygy dodagyň gyzyllygyny geçmeli däl we uzyn murt yslamda halanylmaýar.

**Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) sakgalsyzlaryň ýüzüne seretmegi halamaýardy!**

Eýranyň patyşasy Kisranyň Pygamberimize (sallallahu aleýhi we sellem) ugradan iki sany ilçisiniň sakgallary syrylgy we murtlary uzyndy. Haçanda Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) olary görende olaryň ýüzlerine seretmek islemedi we olara: **“Size ýazyklar bolsun. Size buny kim buýurdy? Olar: Bize buny robbumuz (ýagny patyşamyz) buýurdy) diýdiler. Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) olara: “Meniň Robbum (Allah) maňa sakgalymy goýbermegi we murtymy kiçeltmegi buýrdy”** diýdi.[24]
Sakgalsyzlyk Pygamberimizi (sallallahu aleýhi we sellem) ynjydan amaldyr. Bir musulman nädip Pygamberimizi (sallallahu aleýhi we sellem): ynjytjak amaly edip biler?
Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem): Elmyda uzyn we gür sakgally bolan. Pygamberimizi (sallallahu aleýhi we sellem): Söýýän diýip, onuň daş keşbini söýmän bolarmy?
Söýýän adam söýýän kişisine eýerer!
Allah Tagala aýatda şeýle diýýär:

قُلْ إِن كُنتُمْ تُحِبُّونَ اللَّهَ فَاتَّبِعُونِي يُحْبِبْكُمُ اللَّهُ

“**Eger Allahy söýýän bolsaňyz, Maňa (ýagny Pygambere) ytagat ediň! Allah hem sizi söýer!**” [25]
Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem):

فمن رغِبَ ( أعرض )عن سنّتي فليس منّي

“**Meniň sünnetimden ýüz öwüren menden däldir**” diýýär.[26]
Allah Tagala ählimizi Pygamberimize (sallallahu aleýhi we sellem) hakyky ymmat bolmagy nesip etsin! Ämin.

1-Ahzab 33/21

2-Hakim.

3-Buhari we Muslim.

4-Hakim, el-Mustedrek. Şeýh Albani hadysa sahyh diýdi. Seret: es-Sahiha, No: 1348.

5-Buhari we Muslim, متفق عليه.

6-Muslim, رواه مسلم.

7-Muslim, رواه مسلم.

8-Wujubu Ihfai Lihýa, Muhaddis Prof. Zekeriýýa el-Kandehlewi. Tahkik: Bin Bäz.

عنوان الكتاب: وجوب إعفاء اللحية

المؤلف: محمد زكريا الكاندهلوي

المحقق: عبد العزيز بن عبد الله بن باز

9-Haşr 59/7.

10-Wujubu Ihfai Lihýa, Muhaddis Prof. Zekeriýýa el-Kandehlewi. Tahkik: Bin Bäz.

11-Buhari.

12-Rum 30/30.

13-Nisa 4/119.

14-Muslim.

15-Tegabun 64/3.

16-Tiýn 95/4.

17-Muslim, رواه مسلم.

18-Ahzab- 33/36.

19-Jin 72/23.

20-Ebu Dawud, Şeýh Albani sahyh diýdi.

21-Taberani, el-Mujemul-Kebir 1/118. Şeýh Albani hasan diýdi: Silsiletus-sahiha 5/193.

22-Hakim, أخرجه الحاكم.

23-Buhari.

24- Hasan hadys, Ibn Jerir et-Taberi.

25-Alim Imran 3/31.

26- Buhari, رواه البخاري.